# Müsürli «TikTok» fenomeni «ahlaksyzlyga itermekde» aýyplanyp tussag edildi

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Müsürli "TikTok" fenomeni "ahlaksyzlyga itermekde" aýyplanyp tussag edildi MÜSÜRLI «TIKTOK» FENOMENI «AHLAKSYZLYGA ITERMEKDE» AÝYPLANYP TUSSAG EDILDI




*Hanin Hossam «ahlaksyzlyk etmekde we ahlaksyzlyga meýil etdirmekde» aýyplamasy bilen tussag astyna alynyp, garşysyna derñew işi açyldy.*

Müsürde sosial mediýa ulgamy TikTok-da fenomen hökmünde tanalýan Hanin Hossam «maşgala ýörelgelerine we gymmatlyklaryna zyýan ýetirmek, halkara internet torundaky sosial mediýa ulgamlary arkaly şahsy saýtlar we hasaplar gurmakda» aýyplanyp tussag astyna alyndy.

Hemme zadyñ başy iki ýyl öñ internet ulgamynyñ eýesi hytaý kompaniýasy bilen şertnama baglaşmagyndan soñ başlady.

Kompaniýa Hanine wideolaryny ýigrimä ýetirse aýda 400 dollar bermegi teklip etdi.

Haniniñ wideolarynyñ şowly çykmagyndan we köp sanly agza

tarapyndan yzarlanyp başlamagyndan soñ kompaniýa Hanine elektron şertnama ugradyp, täze şertnama geleşik baglaşdy. Täze geleşikde wideolary ýekelikde düşürmek we kompaniýanyñ ugratjak belli etiketleri bilen ýaýratmak şerti goýuldy.



*Sosial mediýada paýlaşan wideolary sebäpli ýurdunda çekişme döreden müsürli Hanin Hossam* ***(Facebook)***

Hanininiñ yzarlaýjy agzalarynyñ köpçüligi çagalardan we ýaşlardan ybaratdy. Hanine tölenýän hak hem yzarlaýjy agzalar artdygysaýy artdy.

Internet işjeñligi artan ýaş gyzyñ hytaý kompaniýasynyñ ygtyýarlylary we Müsürdäki birtopar adam bilen «professional» gatnaşyklary-da güýçlendi.

Ol millionlarça agzasy bilen TikTok-daky ýa-da beýleki ulgamlardaky wideolarynyñ bloklanmakdan ýa-da garşysyna işlenmekden goralar ýaly derejä ýetdi.

# سلامتنا_النفسيه تعبت والله pic.twitter.com/LyPS50LMRG
— Haneen Hossam Style — حنين حسام (@haneenhossam_) April 26, 2020



- **Öz sanly agentligini gurdy**

Şeýle uly üstünlikden soň Müsürdäki beýleki sosial mediýa ulanyjylarynyň kömegi bilen sanly ulgamda «agentlik» gurmagy meýilleşdiren Hanin agentligini mahabatlandyrmak üçin wideorolik taýýarlady. Wideoda 18 ýaşan syratly fenomenler gerekdigi aýdyldy.

Munuň üsti yzly-yzyna taýýarlanan wideolardan doldy. Düýş ýaly köp sanly ýaşajyk gyzlar gowy niýet bilen internet fenomeni boldualr. Emma agentligiň studiýasynda «müşderiniň» göresi gelýän ýerlerini görkezýän kameranyň nyşanasyndan çekilen görnüşlerde synanyň käbir ýerleriniň gelşiksiz ýagdaýda düşürilýändigini duýdular. Agentlikdäki gözden geçirişden geçen gyzlaryň aglabasynyň ýapyk geýinýän gyzlardygy bolsa hasam ünsi çekdi.

Hanin Hossam iş şertlerini we tekliplerini şeýle düşündirýär: «Agentligimde at-abraýa hasam köp üns berilýär. Ýeke-täk zerurlygymyz: nuranalyk, gowy atmosfera we göze ýakymlylyk. Durmuşyňyzyň gapysyny müşderileriňiz we adamlar girende sizi ýagşy, owadan we sylag-sarpaly ýagdaýda tanar ýaly açyň».

Iş teklipleri boýunça Hossam «Her tabşyrygyň 36 dollardan 2 müň, 3 müň, 4 müň dollara çenli üýtgeýän haky bar» diýýär.

- **«Meniñ üçin abraý iñ esasy zat»**

Hossam edýän işi boýunça şeýle diýýär:
«Bu diñe «gowy saýlawlar etmegi» we «az-owlak gowy görünmegi» talap edýän añsat işe öwrülmezden öñ zenan agzalar üçin ýygjam zähmet düzgünlerine eýermeli iş. Saýtyñ berk talaplary bar. Eger bir agza özüni çakdanaşa agressiw we howply hasaplap ugrasa, ol şobada bloklanýar. Meniñ üçin at-abraý birinji orunda durýar».

- **Ilki linç, soñra tussag**

Hossam birnäçe gün öñ düşüren wideosynda koronawirus ýokanjy zerarly öýde geçirilen wagtyñ gyzlary bu ulgamdan peýdalanmaga iterjekdigini aýtdy. Munuñ üçib birnäçe kişi ony «jelepçilik» etmekde aýyplady.
Birnäçe sosial mediýa agzasy we onlarça teleýaýlam alypbaryjylary tarapyndan ýaş gyzy berk ýazgardylar.
Mundan soñ Hanin Hossam «ahlaksyzlyk etmekde we ahlaksyzlyga itermekde» aýyplanyp, tussag astyna alyndy we garşysyna iş gozgaldy. Yzyndan baş prokuror derñew işi gutarýança ätiýaçdan tussagda saklanmagyny makul bildi.



- **«Gymmatlyklara zarba»**

Baş prokuror Hammade es-Sawi bu boýunça beren beýanatynda «şübhelenýäniñ jemgyýetde maşgala ýörelgelerine we

gymmatlyklaryna zarba urmak, halkara ulgamlar arkaly şahsy saýtlar we hasaplar açmak, dolandyrmak, ulanmak bilen birlikde ýaş gyzlary bu etmişe höweslendirmek we olaryñ maddy ýeter-ýetmezçiliginden peýdalanyp, maddy bähbit gazanmak üçin ulanmakda» aýyplanjakdygyny aýtdy.

رامز ترند اي بس
فين بتوع الفوتوشوب..! pic.twitter.com/xK7VE5x4k5
— Haneen Hossam Style — حنين حسام (@haneenhossam_) April 24, 2020

- **Uniwersitetdenem kowlup biler**

Resmi beýanat bilen çykyş eden Kair uniwersiteti Hossamyñ «halkyñ ahlagyny bozýan, uniwersitetiñ gymmatlyklaryna we ýörelgelerine çapraz gelýän hereketleri edendigi üçin» hukuk boýunça bölüme ugradylandygyny mälim etdi.
Kair uniwersitetiniñ rektory Muhammet Osman el-Hişt beren beýanatynda Hossamyñ okuwdan çykarylmagynyñ ahmaldygyny aýtdy.

- **Ahlak we at-abraý çekişmesi**

Teleýaýlymlardan başlap sosial mediýa, ýokary okuw jaýynyñ rektoryndan başlap prokurora, polisiýa çenli Hanin dawasyna degip geçen hemmeler tarapyndan agzalmaga başlanan «ahlak», «at-abraý», «jogapkärçilik» ýaly sözler wideolarynda ahlagy, at-abraýy, sylag-hormaty saklaýan Hanin Hossam bilen bile guyardy. Ahlak, at-abraý, jogapkärçilik ýaly sözler «TikTok» we «Likee» ulgamlaryndaky düşündiriji wideolarynyñ aýratynlygydy.

مصر􀀀هرم􀀀 (@haneenhossamofficial_)’in paylaştığı bir gönderi (6 Nis, 2020, 3:33öö PDT)

- **Türban we moda**

Jemgyýetçilik kabul etme düzgünleri Hanin Hossamyñ korona döwründe we karantin wagtynda «TikTok» ulgamynda baýdagynyñ parlap, meşhurlyga ýetmegi bilen möwjedi we ulaldyldy.

Habar beriş serişdeleri oña «TikTogyñ gurbany» diýýär.
Ene-atalar ulgamyñ gadagan edilmegini, howpsuzlyk we beýleki strukturalaryñ bu ulgamy ulanmakdan el çekmelerini talap edýärler. Sosiologlar we psihologlar meselä Müsürdäki gyzlaryñ «ahlagyny bozýan bela-beter we özüñi alyp barşyña täsir edýän tragediýa» hökmünde baha berýärler.
Müsürlileriñ aglaba köpçüligi talyp Hanin Hossamyñ ahlak sistemasyna howp salýandygy, özlerini muña örklän adamlaryñ ýörelgelerine we idealizme batan jemgyýet däplerine gönükdirilen howp-hatar hasaplanýan mesele bilen gyzyklanýarlar.
Käbirleri kakalary saçynyñ ýapykdygyna garamazdan gyzynyñ «saçyny açyk» ýagdaýda goýbermäge göz ýumandygy we ejeleri bolsa gyzyna ahlakly bolmagy öwredip bilmändigi üçin aýypladylar.
Ene-atanyñ dindar jemgyýetde ýaşaýan ýaş gyza gündogar däp-dessurlaryna yslamy ýörelgelere bagly galmagy talap edýän ahlak terbiýesini bermändiklerini aýtdylar.


THE ULTIMATE GUIDE TO TIKTOK
ALL YOUR FAVOURITE TIKTOK STARS
LIL HUDDY ★ CHARLI & DIXIE D'AMELIO ★ AVANI GREGG
PLUS TIPS, TRICKS AND HACKS
100% UNOFFICIAL

• **«Şan-şöhrat ýeňilkelleligi»**

Sosilogiýa boýunça professor Samiýe Hadar Hossamyň hereketlerini soňky ýyllarda jemgyýetiň görnetin ahlak çöküşliginiň subutnamasydygyny we şeýle bolgusyzlyklary sosial mediýadan ýaýradyp, hemmeleriň ahlagynyň bozulmagyna goşant goşandygyny aýtdy.

Başga bir sosiologiýa professory Inşad Izzeddin hem şol aýyplamalary ýöňkände ýaş gyza berilen terbiýäniň «pesdigini», «şan-şöhrat ýeňilkelleliginiň» at-abraýy saklamak gaýgysyndan öňe geçendigini aýtdy. Izzeddin «Jemgyýetde şeýle bikanun we adaty däl ýollar bilen at gazanmaga gönügen gyşarmalar bolmazlygy üçin Hossama garşy kanuny çäreleriň kabul edilmegi gerek. Berk temmi çäresini bermeli» diýdi.

Aýyplamalary çap etme we ýaýratma meselesinde şolar ýaly tagalla eden şowhunly programmalarda, egin-eşik geýip jemgyýetiň ahlagyny we ýaş gyzlaryň ar-namysyny goramak üçin «Likee» we «Tik Tok» ulgamlarynyň gadagan edilmegine çagyryşlar edilip, ene-atalardan öýlerini berk gözegçilige almak we gyz maşgalalary berk gözegçilikde saklamak talap edildi.

• **A onuň agzalarynyň ýagdaýy näme?**

Gülkünç ýeri jemgyýetiň ahlagynyň Hanin Hossamyň bir böleginiň erkekleriň we ýaşlaryň düzýän millionlarça agzasyndan täsirlenmeýänligidi. Hasam beteri soňky elli ýyl bäri her dürli zorlugyň artyp barýan ýurtda jemgyýetiň ar-namysyna hiç bir ýagdaýda tegmil düşmändir. Şuňa meňzeş görnüşde jemgyýetiň gymmatlygy aýal-gyzlary kanuny hak-hukuklary bolan mirasdaky paýlaryndan mahrum edilmelerinden ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedik 12 ýaşly gyzjagaz bilen nikalaşmaga rugsat berilmeginden, gyzlaryň mekdebe goýberilmezliginden ýa-da äriniň aýalyny urmagynyň ýaramazlyk hasaplanman, maşgalanyň öz içindäki mesele hasaplanýanlygyndan ýeke çyzyk alman sypyp bildi. Emma jemgyýetiň ahlagy, ar-namysy Hanin Hossamyň wideolaryndan soň ýer bilen ýegsan bolanmyş. Hernä ýaş gyzy günäkär hasaplamaýan ýek-tük seslerem çykman duranok.

Žurnalist Taryk eş-Şennawi ýazan makalasynda mediýanyň meşgullanan pişesi şübhelenýäniň günäsi boýnuna goýulýança bigünädigi pikirine goldanýandygyna garamazdan Hossamy jogapkärçilige çekendigini we mediýanyň Hossama garşy ylla prokurora dönendigini aýtdy. Eş-Şennavi Hossam hakda «köpçülikleýin diýdimzorlukdan usak, adalatly derňewiň geçirilmegine garaşýandygyny» sözüniň üstüne goşdy.



*Gyzyň günäsiniň ýokdugyny öňe sürýän birnäçe kişi ony jemgyýetiň gurbany hökmünde görýärler / **Fotosurat: Hanin Hossamyň Facebook hasaby**.*

- **Jemgyýetçiligiň ruhy ahwaly**

Jemgyýetiň dürli gatlaklary, aýratynam gulaklaryna ilen ýa-da gözleriniň öňünde bolup geçen hereketler we aýalyň eşigi bilen gyzyklanýanlar ahlak sakçylygyny etmäge dyrjaşdylar. Olaryň pikiriçe «masgaraçylykly» hasaplanýan egin-eşikler we bijaý görülýän hereketler gizlin saklansa zyýany ýok.
Lukman we ýazyjy Halid Muntasir bu barada «Jemgyýet internet arkaly gyzlaryň mertebesine ýeten futbolça göz ýumup bilýär» diýdi. Muntasir ahlak meselerinde iň möhüm ülňiniň muny aşan we ony bagyşlap bilýän «jemgyýetçilik ruhy ahwalydygyna» yşarat etdi. «Alla Setdardyr (aýyplary, kemçilikleri, hatalary örtüjidir). «Aýyplary örtmekde gije ýaly bolmaly» diýýärler. Bir zenan ýalňyşanda bolsa «Ýarym hijab we kemputyň açyk galmagy siňekleriň üýşmegine we ryzkyň azalmagyna sebäp

bolýar» diýýärler. Sagdyn jemgyýetiň özüni alyp baryşlaryna baha berilýän ölçegi we ülňüsi bar. Emma ikiýüzli ülňi ýola goýulmagy käbirleriniň ar-namys meselesinde perişdä dönüp, özgeleriň mähremiýetine burnuny sokma gylygy jemgyýetiň astigmatizmden we beýleki gymmatly öwrülişiklerden kösenýändigini aňladýar» diýdi.



- **«Meniň gymmatlyklarym»**

Hossam tussag astyna alynmazdan we özüni aklamaga synanyşmazdan öň paýlaşan iň soňky wideosynda saçlarynyň görünmändigini ýa-da tenini güjeňleýän eşikler geýmändigini, ähli wideolarynda bolşy ýaly ar-namysyny gorap gelendigini görkezýän şekil berdi. Elleri bilen gymmatlyklaryň ölçegini görkezýän kelte ýeňli eşikler geýmändigine yşarat etdi.
Haniniň adynyň «etmiş» dünýäsine garyşmagynyb we «Likee», «TikTok» ulgamlary üçin wideolar düşüren gyzyň «100 million adamy ahlaksyzlaşdyrma howpuny abandyrandygy» üçin geň galdyryjy ýagdaýda tussag astyna alynandygy hakdaky habarlaryň mediýada peýda bolmagynyň yzyndan dünýäniň dürli ýerlerinden özlerini «influencer» («täsir ediji») diýip tanadan sosial mediýa ulanyjylary «#haneenhossam» etiketkasy bilen onuň wideolaryny we bloglaryny paýlaşmaga, hasam köp agza we pul

toplamaga dowam edýärler.

- **Sosial mediýa we linç medeniýeti**

Sosial mediýa ulanýan ýaş gyzlardyr ýigitlerem Hanin Hossamyñ wideolarynyñ ulanylyp, ony ýañsylaýan we çynlakaý formada şahsy hak-hukuklaryna dil ýetirýäm wideoklipler ýaýradyp, heniz sudýanyñ öñüne çykarylmadyk gyzy aýyplaýanlaryñ hataryna goşuldylar.
Hanin özüni influencer (интернет-знаменитость) hökmünde tanadan ýaş ýigidiñ hüjüm edijilikli wideolarynyñ birinde «bihaýa zenan» diýip garalandy. Beýle garalanmagynyñ sebäbi-de kellesini yza gañryp boýnuny görkezmegidi. Ýaş ýigit «özüni sylaýan bolsa boýnuny açmazdy» diýdi.
Beýleki bir ýandan Müsürde sosial mediýa saýtlaryny ar-namysa howp salýan, däp-dessurlary bozýan we ýok bolup gitmäge getirýän platformalar hökmünde görýän we käbirleriniñ ýapylmagyny, käbirleriniñ bolsa yzarlanylmagyny talap edýän «Hummat’il-Fazilet» («Fazylaty goraýanlar») toparynyñ gazaply hüjümine uçrady.
«TikTok» ulgamynyñ Müsürdäki ýaşlaryñ arasynda juda meşhurdygyna we agza sanynyñ korona ýokanjynyñ ýaýramagy bilen maksimum derejä ýetendigine ünsi çekilýär. Şol ulgamda Hanin Hossamyñ wideolaryndan has öte geçenräk hasaplap boljak gyzlaryñam paýlaşýan wideolary bar. Emma olaryñ ýeterlik derejede agzasy we giñ tomaşaçy gatlagy ýok. Çünki olaryñ wideolary «goramaga degişli ahlagy berjaý etmäge jogapkär» jemgyýetçilik gatlaklaryna heniz ýaýrap ýetişmedi.




Emine HAÝRI,
žurnalist.
Çarşenbe, 29.04.2020 ý. Publisistika